# Saýra, sazym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Saýra, sazym SAÝRA, SAZYM

Hünär kändir tamdyramyň kirşinde,
Uzak ýatsa, perdeleri heňleýär…
Durmuş tejribesi doly başynda,
Eziz halkym owazyny diňleýär.

Dürli nagma heňler bilen saýraşyp,
Duýgulary oýandyrşy ne gözel!
Näzik sesi dumly-duşa ýaýraýyp,
Döwrelaýyk owazlançy ne gözel!

Taryhyny sözlän wagty halkymyň,
Şan-şöhrata örkün baglaýan ýaly.
Geçmişini görkezmäge ülkämiň,
Hanha diýip elin salgaýan ýaly.

Dutaryň tarlary owazlananda,
Şol geçmişiň ahy-zary iňleýär…
Emma täze döwrüň heňin çalanda,
Göçgün göwnüň galkynýar hem ýeňleýär.

Göýä şol tarlarda bökjekläp, oýnap,
Ýaňlanýar şatlykly aýdym owazy:
»Azat bir zähmetiň rehnedi gaýnap,
Äleme bark urýar durmuşyň ýazy!

Erk eýesi, hiç bir weçden ýok müýni,
Gaýratyn, gudratyn görkezýär adam.
Öz ýurdunyň doly hakly hojaýyny,
Döşüni gaýşardyp urýar ol gadam.

Hiç tapawut goýulmaýar millete,
Gahryman halk bir-birine mähriban,
Durmuş sili joşýar biziň ilata,

Gülüstana dönýär Watan, jan, eý, jan!»

1947

Berdi KERBABAÝEW Goşgular